## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

1287 **G. N. Baradow hakynda**

**Gurbanguly Nurmuhammedowiç Baradowy** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň häkimi wezipesinden boşatmaly.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 18-i*
*№PP-5762*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

1288 **M. N. Annamämmedow hakynda**

**Maksatmyrat Hojagaraýewiç Annamämmedowy** Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň häkimi wezipesine belläp, ony Aşgabat şäheriniň Çandybil etrabynyň häkimi wezipesinden boşatmaly.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 18-i*
*№PP-5763*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

1289 **1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 66 ýyllygy mynasybetli sowgatlary gowşurmak hakynda**

1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň söweşlerde görkezen deňsiz-taýsyz gahrymançylygyny hem-de uruş ýyllarynda tylda zähmet çeken ak saçly enelerimiziň görkezen nusgalyk edermenligini hormatlap, olaryň ýaş nesillerimizi watançylyk, gahrymançylyk, mertlik ruhunda terbiýelemekde we halkymyzyň agzybirligini, jebisligini berkitmekde alyp barýan asylly işlerini, ýurdumyzda amala aşyrylýan özgertmeleri



üstünlikli durmuşa geçirmäge goşýan goşantlaryny göz öňünde tutup, şeýle hem Beýik Ýeňşiň 66 ýyllygy mynasybetli, **karar edýärin:**

1. Welaýatlaryň, şäherleriň we etraplaryň häkimlikleri, Türkmenistanyň Uruş weteranlary guramasynyň Merkezi geňeşi 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 66 ýyllygy mynasybetli uruş weteranlaryna, şeýle hem uruşda wepat bolan esgerleriň ýanýoldaşlaryna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan 200 manat möçberde pul sowgadyny hem-de gymmat bahaly sowgatlary gowşurmaly.

2. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi şu Permanyň 1-nji bölüminde görkezilen sowgatlary Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmeli.

3. Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrligi we «Türkmenhaly» döwlet paýdarlar korporasiýasy şu Permanyň 1-nji bölümine laýyklykda welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimliklerini gymmat bahaly sowgatlar bilen býujetden maliýeleşdirilýän edaralar üçin bellenen nyrhlardan üpjün etmeli.

4. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Ylymlar akademiýasynyň prezidenti G. Mezilow, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary T. Japarow, O. Gurbannazarow, welaýatlaryň, şäherleriň we etraplaryň häkimleri hem-de Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B. Atdaýew gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

*Aşgabat ş., 2011 ý. aprel aýynyň 22-si*
*№PP-5765*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

1290 **Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň harby gullukçylaryny döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakynda**

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň goranmak ukybyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň asuda durmuşyny goramaga, harby gullukçylaryň söweşjeň tehnikalary kämil özleşdirmeklerine goşan şahsy goşantlaryny hem-de Watanymyza we merdana halkymyza köp ýyllaryň dowamynda birkemsiz gulluk edendiklerini göz öňünde tutup, **karar edýärin:**